# Pyrlampaç

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyrlampaç PYRLAMPAÇ

Seret, çöp başynda tutulan guş deý,
Bir zat pysyrdadýar akja ganatyn.
Boşatmak isledim, ýüregim awap –
Guş däl eken golaý gelen halatym.

Çöpe ilip galan täsin pyrlampaç,
Ýelden ýelpaý tapyp barha pyrlanýar.
Çagalygym ýada salyp bu pursat,
Hyýalymda şat günlerom durlanýar.

Diñe pyrlampaç däl, bizem şo günler
Pyrlanardyk gurup täsin tegelek.
Göýä bizden öwrenýän deý uçmagy,
Gül üstünde haýran galýae kebelek.

Pyrlampaç pyrlanyp ýiterdi gözden,
Bizem ylgap-ylgap öýden ýiterdik.
Jynyñ çüýşesi deý sebäp tapylsa,
Pyrlampaçdan has şatlanyp beterdik.

Ondan bäri aý-gün geçd pyrlanyp,
Ýetebilmen indi onuñ yzyndan.
Kim saga pyrlanýar,
Kim bolsa çepe,
Ýöne bar zat bu dünýäniñ dyzyndan.

Pyrlampaç pyrlanyp ýuka duman deý,
Şu durşuna mümkin uçup gitmegi.
Gizlenmek islämde özüm-özümden
Maña öwret pyrlanyplar ýitmegi.

Pyrlanyp başladym,
dünýäm, tut meni.